# Täzeçe tuýuglar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Täzeçe tuýuglar TÄZEÇE TUÝUGLAR



Iliň ulusyna diýýärler töre,
Ýöne pullusyny geçirýär töre.
Hukukçy kanuna hormat goýmasa,
Bir ili bulaýar bozulan töre*.
***

Namysly kişiler etmesin a:ry,
Bir sözüm bar, edil sokan deý ary.

Boka batsaň boýuňça bat diýýärler,
Orta çykan hatyn bolmaýar ary.

***

Gel bolmasyn diýip agzymyz ala,
Garşy durjak bolduk nebise-ala.
Gün ýaşyp barýarka tukatlyk çeksem,
Gör, şapak boýaldy gyrmyzy-ala,

***

Eýlemän dünýäniň pikirin-oýun,
Saýlaman ýollaryň çukuryn, oyun.
Bir zat ýazdym könelere eýerip,
Seniňçe ýazanym çynmydyr, oýun?!

*Töre*- Kanun.*

Isgender MÄLIK. Goşgular